#191 (213)
среда, 21 августа 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «AWAZA» MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGYNDA WELOSIPEDLI GEZELENÇ ETDI



**Zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 2024-nji ýylyň 14-nji awgustynda Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda welosipedli gezelenç etdi.**

Häzirki wagtda Türkmenistanda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkarar edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, adamlaryň saglygyny goramak, ýaş nesliň sazlaşykly ösmegini üpjün etmek, raýatlaryň zähmet rugsady döwründe rahat dynç almaklary üçin şertleri döretmek boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Bularyň ählisi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasatda ileri tutulýan wezipelerdir. Bu syýasatyň özeninde Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesi durýar.

Ir bilen döwlet Baştutanymyz deňiz kenaryna geldi. Tomsuna günüň bu çagynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýakymly howa gurşawy emele gelýär. Munuň özi deňizden we «Awaza» emeli derýasyndan öwüsýän sergin şemalyň, ýaşyl seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň döredýän salkyn howasynyň esasynda mümkin bolýar. Soňky ýyllarda şeýle zolaklaryň çägi ep-esli giňeldildi. Bu çäreler kenarýaka sebitiň ekologik ýagdaýynyň has-da gowulanmagyny hem şertlendirdi.

Günüň dogýan çaglarynda deňziň kenarynda welosipedli gezelenç etmek fiziki işjeňligiň netijesinde saglyga oňyn täsir edýär, bedeni berkidýär we oňa güýç berýär. Welosiped ekologik taýdan arassa ulag hökmünde ykrar edilendir. Gahryman Arkadagymyzyň ilaty welosiped sporty bilen meşgullanmaga höweslendirmek, sportuň bu görnüşini wagyz etmek boýunça başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistanda möhüm seneler mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler yzygiderli guralýar.

Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etdi. Bu baýram her ýyl giňden bellenilýär. Munuň özi ýurdumyzyň öňe süren başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi üçin möhüm ähmiýete eýedigini aýdyň görkezýär. Şeýle-de 2022-nji ýylyň martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň teklibi boýunça «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamany kabul edendigini nygtamak gerek. Bularyň ählisi dünýä bileleşigi tarapyndan ýurdumyzyň bedenterbiýe-sagaldyş, sport hereketiniň ösdürilmegine, jemgyýetde ekologik medeniýetiň kämilleşdirilmegine, milli, sebitleýin hem-de ählumumy derejede Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge uly goşandynyň ykrar edilýändiginiň anyk mysalydyr. Mundan başga-da, 2018-nji hem-de 2019-njy ýyllarda Aşgabatda geçirilen «Iň köpçülikleýin tälim beriş sapagynyň», «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýörişiň» Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini bellemek gerek.

Welosport bedenterbiýe-sagaldyş hereketini wagyz etmekde we sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Amatly howa şertleri, ýurdumyzda bar bolan degişli infrastruktura welosport boýunça ýaryşlary hem-de türgenleşikleri tutuş ýylyň dowamynda diýen ýaly geçirmäge mümkinçilik berýär. Welosipedli ýörişler dünýäniň köp ýurtlarynda dürli durmuş, sport, ekologik taslamalary goldamak üçin geçirilýän jemgyýetçilik ähmiýetli çäreleriň iň meşhur görnüşleriniň biridir. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýakyndan goldaw bermegi esasynda ýurdumyzda sportuň bu görnüşi işjeň ösdürilýär, ilat arasynda köpçülikleýin welosipedli ýörişleriň tarapdarlaryny artdyrmak üçin tagallalar edilýär.

...Döwlet Baştutanymyz welosipedli gezelenjiň dowamynda Hazaryň kenarynda ýerleşýän dünýä derejeli syýahatçylyk zolagynyň gözelliklerini synlady. Ýakymly howa gurşawynyň we ýokary derejeli hyzmatlary hödürleýän döwrebap şypahana-dynç alyş ulgamynyň bolmagy «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň meşhurlygyny has-da artdyrdy.

Bedenterbiýe, sport, işjeň dynç alyş, şol sanda welosipedli gezelençler adamlary uly üstünliklere höweslendirip, täze başlangyçlar üçin güýç-kuwwat berýär. Şeýle gezelençler dynç alşy işjeň fiziki hereket bilen utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ylmy barlaglaryň tassyklaýşy ýaly, welosiped sürlende bedene kadaly agram salynmagy esasynda adamyň çydamlylygy, işe ukyplylygy ýokarlanýar, beden bogunlary we myşsalar, nerw ulgamy berkeýär. Welosport, welosipedli gezelençler gan basyşynyň kadalaşmagyna, ýürek-damar we beýleki keselleriň töwekgelçiliginiň peselmegine ýardam berýär. Welosiped sürmek bedeniň madda çalşygyny gowulandyrýar, onuň kesellere garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýar, uzak wagtlyk şähdaçyklyk eçilýär. Aýaklaryň yzygiderli hereketleri ganyň damarlarda doňup galmagynyň öňüni alýar. Munuň özi hereketleriň sazlaşygy üçin netijeli türgenleşik bolup, ünsüňi bir ýere jemlemäge mümkinçilik berýär.

Lukman hökmünde sagdyn durmuş ýörelgelerine aýratyn ähmiýet berýän Milli Liderimiz şeýle gezelençleriň ägirt uly peýdasynyň bardygyny şahsy göreldesi bilen subut etdi. Şunlukda, ýurdumyzda welosipedli ýörişleriň guralmagy asylly däbe öwrüldi. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan welosipedli ýörişleriň geçirilmegi häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda has giň gerime eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ekologik abadançylygy üpjün etmek, Milli tokaý maksatnamasyny durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsini, Hazar deňziniň biodürlüligini gorap saklamak, öwrenmek üçin giň gerimli işler amala aşyrylýar. Bu ugurda öňde durýan meseleleri çözmekde welosiped sporty, welosipediň ulag serişdesi hökmünde ulanylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Munuň özi daşky gurşawa uzak möhletleýin esasda oňyn täsirini ýetirip, ekologik ýörelgeleriň jemgyýetçilik durmuşyna içgin aralaşmagyna ýardam edýär.

## Президент Туркменистана поздравил руководство Республики Индия

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму, Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди и всему народу страны по случаю Национального праздника Республики Индия – Дня независимости.

Отметив последовательное укрепление и обогащение отношений между нашими странами, глава государства выразил заинтересованность в дальнейшем наращивании двустороннего сотрудничества в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Республики Индия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Корея

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Корея Юн Сок Ёлю и народу страны по случаю Национального праздника Республики Корея – Дня освобождения.

Отметив высокий уровень последовательно развивающегося взаимовыгодного сотрудничества между нашими странами, глава государства выразил твёрдую уверенность в дальнейшем наращивании двусторонних отношений.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Юн Сок Ёлю пожелания крепкого здоровья, долголетия и счастья, а также достижения больших успехов в начинаниях и стремлениях, направленных на процветание и дальнейший прогресс народа Республики Корея.

## Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Индонезия

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индонезия Джоко Видодо и народу страны по случаю национального праздника – Дня независимости.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Джоко Видодо искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Индонезии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

# СОСТОЯЛИСЬ ПОЛИТИЧЕСКИЕ КОНСУЛЬТАЦИИ МЕЖДУ МИНИСТЕРСТВАМИ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

***14 августа 2024 года в Анкаре состоялись политические консультации между Министерствами иностранных дел Туркменистана и Турецкой Республики.***

Туркменскую делегацию возглавил Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, а турецкую – Министр иностранных дел Турции Хакан Фидан.



В ходе встречи стороны отметили традиционно высокий уровень межгосударственных отношений, динамично и успешно развивающихся благодаря усилиям Президентов двух государств и Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана.

Было подчеркнуто, что контакты на высшем и высоком уровне, а также регулярные консультации между внешнеполитическими ведомствами двух стран являются важным фактором в продвижении отношений. В данном контексте особое внимание уделено планируемым визитам и встречам в этом году.

Дипломаты рассмотрели широкий спектр вопросов в контексте дальнейшего развития политико-дипломатических связей, расширения межпарламентского сотрудничества, укрепления договорно-правовой базы. Министры подтвердили, что Туркменистан и Турецкая Республика придают большое значение как двустороннему сотрудничеству в торгово-экономической и гуманитарной сферах, так и взаимодействию в рамках международных и региональных структур.

Говоря о необходимости скоординированных действий по расширению экономической деятельности, стороны отметили роль Межгосударственной туркмено-турецкой комиссии по экономическому сотрудничеству и туркмено-турецкого делового совета. Обсуждались вопросы партнерского взаимодействия в сфере энергетики и транспорта.

Также, стороны рассмотрели вопросы расширения культурного диалога.

Была выражена заинтересованность в развитии партнерства по линии науки, образования, спорта, здравоохранения.

Наряду с этим, 13 августа в здании Министерства иностранных дел Турецкой Республики состоялись туркмено-турецкие консультации по консульским вопросам, консультации по инвентаризации и совершенствованию договорно-правовой базы двусторонних отношений, а также встреча руководителей отделов информационной безопасности внешнеполитических ведомств Туркменистана и Турции.

В консультациях приняли участие представители МИД Туркменистана и Турции, а также соответствующих ведомств двух стран.

В ходе консультаций по консульским вопросам стороны детально обсудили ряд вопросов в консульско-визовой сфере. Были рассмотрены предложения по обмену опытом между консульскими службами Туркменистана и Турецкой Республики.

Представители внешнеполитических ведомств двух стран детально рассмотрели перечень действующих межгосударственных, межправительственных и межведомственных соглашений и договоров, а также проектов, находящихся на рассмотрении сторон.

В области информационной безопасности стороны обсудили перспективные направления двухстороннего сотрудничества в сфере обеспечения кибербезопасности, а также противодействия возможным угрозам, связанным с использованием виртуальных технологий.

Кроме того, в рамках визита в Турцию делегация Туркменистана во главе с Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым почтила память Махтумкули Фраги и возложила цветы к памятнику классика туркменской поэзии и мыслителя, установленному в парке «Туркменистан» города Анкара.

# О ВСТРЕЧЕ С ЗАМЕСТИТЕЛЕМ ГЕНСЕКА ООН, ИСПОЛНИТЕЛЬНЫМ ДИРЕКТОРОМ ПРОГРАММЫ ООН ПО ОКРУЖАЮЩЕЙ СРЕДЕ

16 августа 2024 года в формате видеоконференции состоялась встреча Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Заместителем Генерального секретаря ООН, Исполнительным директором Программы ООН по окружающей среде (ЮНЕП) г-жой Ингер Андерсен.

Стороны подтвердили значимость консолидации усилий на международном, региональном и национальном уровнях в деле разрешения глобальных экологических проблем.

В ходе встречи собеседники обсудили ряд ключевых вопросов, касающихся инициатив Туркменистана в области охраны окружающей среды, в частности тему открытия Регионального Центра по технологиям, связанным с изменением климата для стран Центральной Азии со штаб-квартирой в Ашхабаде.

Стороны также обменялись мнениями по практической реализации условий Глобального метанового обязательства, к которому Туркменистан присоединился в ходе 28-й Конференции сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата (COP-28). Отмечено, что начата работа в рамках совместного проекта с Международной обсерваторией по выбросам метана (IMEO), целью которого является выработка механизма регулярного предоставления обновленных данных о выбросах, обнаруженных с помощью системы MARS.

Собеседники также затронули каспийскую тематику. Рассмотрены возможности расширения взаимодействия Туркменистана и ЮНЕП по выработке «Каспийской экологической инициативы», с предложением о создании которой выступил Президент Туркменистана в ходе 78-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН. Также обсуждались вопросы реализации положений протоколов к Тегеранской конвенции, в частности возможности создания Центра по сохранению биологического разнообразия в Туркменистане, в рамках Ашхабадского протокола, подписанного в 2014 году.

В завершении встречи г-жа Ингер Андерсен поблагодарила туркменскую сторону за приглашение принять участие в Региональной конференции по вопросам продовольственной безопасности в условиях изменения климата, намеченной к проведению Туркменистаном в ноябре текущего года совместно с международными организациями.

# On meeting with the Ambassador of the USA in Turkmenistan

On the 20th of August 2024, a meeting was held in the premises of the Ministry of Foreign Affairs of



Turkmenistan between the Deputy Minister of Foreign Affairs Ahmet Gurbanov and the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the USA in Turkmenistan Elizabeth Rood.

During the meeting, the parties discussed the current condition and prospects for the development of Turkmen-American relations. In the framework of the interested exchange of views on the most important aspects and key areas of the bilateral partnership, the interlocutors reiterated their mutual strive for deepening ties in political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

The diplomats highly appraised the format of Turkmen-American political consultations for considering issues of mutual interest and coordinating joint actions to develop bilateral relations.

At the end of the meeting, the parties agreed to maintain regular contacts in order to further strengthen cooperation and achieve mutual goals.

Интернет газета
Международные новости

## Ambassador of Turkmenistan in the Republic of Slovenia presented credentials to the head of state



On the 13th of August 2024, the ceremony of presenting the letters of credence of the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Republic of Slovenia E. Aydogdiyev (with residence in Moscow) to the President of the country Ms. Nataša Pirc Musar was held in the Presidential Palace in Ljubljana.

During the ceremony, Ambassador E.Aydogdiyev conveyed warm greetings and best wishes to the President of the Republic of Slovenia on behalf of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov.

During the meeting, the parties expressed mutual interest in further development of political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian ties between the two friendly countries.

President of the Republic of Slovenia Nataša Pirc Musar also expressed gratitude and warm greetings to the leadership of Turkmenistan.

## Üçünji «Ählumumy Günortanyň sesi» sammiti geçirildi

2024-nji ýylyň 17-nji awgustynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Ahmed Gurbanow Hindistan Respublikasynyň Hökümeti tarapyndan wirtual görnüşde guralan üçünji «Ählumumy Günortanyň sesi» sammitiniň ministrler mejlisine gatnaşdy.

Dünýäniň 100-den gowrak ýurdunyň wekillerini jemlän sammitiň umumy temasy «Durnukly gelejek ugrunda Ählumumy Günortanyň mümkinçiliklerini giňeltmek» boldy. Çäräniň maksady özara bähbitli sebit hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmak we ösüp barýan ýurtlaryň derwaýys meselelerini çözmek boýunça anyk teklipleri işläp düzmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow öz çykyşynda bu çärä gatnaşmaga çakylygy üçin hindi tarapyna sagbolsun aýtdy hem-de bitaraplyk we bilelikdäki parahatçylykly ýaşaýyş ýörelgeleri esasynda konstruktiw hyzmatdaşlyk ugrunda çykyş edýän Türkmenistanyň garaýşyny tassyklady.

Türkmenistanyň ykdysadyýet, ulag, şeýle-de daşky gurşaw, energetika we azyk howpsuzlygy ugurlaryndaky hyzmatdaşlygy has-da giňeltmegi maksat edinýändigi bellenildi.

Sammite gatnaşyjylar sebitleýin we halkara gün tertibini ara alyp maslahatlaşdylar.

## Embassy of Turkmenistan in the Republic of Belarus organized an event dedicated to the anniversary of Magtymguly Fraghi

On 14 August 2024, a solemn event dedicated to the 300th anniversary of the birth of the great Turkmen poet Magtymguly Fraghi was held in the premises of the Belarusian Society of Friendship and Cultural Ties with Foreign Countries - House of Friendship. The event was organized by the Embassy of Turkmenistan in the Republic of Belarus.

The event was attended by representatives of the Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Belarus, diplomatic missions and international organizations accredited in Minsk,




scientists and cultural workers, representatives of Turkmen diaspora and students of local universities, as well as the mass media.

Ambassador of Turkmenistan to the Republic of Belarus Nazarguly Shaguliyev and Chair of the Presidium of the Belarusian Society of Friendship and Cultural Ties with Foreign Countries Nina Ivanova made welcoming speeches.

The participants spoke about the role of Magtymguly Fraghi's work in the world literature and in strengthening the bonds of friendship between the peoples. The important work of Belarusian translators in translating the poems of the Turkmen poet was emphasized.

Thematic videos, exhibition of photos and books, as well as musical performances were presented at the event.

## AŞGABATDA «KIDS EKSPO:
### ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy öz işine başlasdy

2024-nji ýylyň 19-njy awgustynda paýtagtymyzda ýurdumyzda ilkinji gezek geçirilýän «Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy öz işine başlady.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we «Türkmen Ekspo» hususy kärhanasy tarapyndan bilelikde guralýan giň gerimli gözden geçirilişde çagalar üçin harytlar we hyzmatlar pudagynda iş alyp barýan ýurdumyzyň we Russiýanyň, Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň, Portugaliýanyň, Italiýanyň, BAE-niň, Türkiýäniň, Singapuryň, Hytaýyň, Bahreýniň, Beýik Britaniýanyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň kompaniýalary öz önümlerini görkezýärler.

Kaşaň «Garagum» myhmanhanasynyň ýanyndaky giň açyk meýdançada ir bilen baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Çagalar döredijilik toparlarynyň joşgunly aýdymsazly çykyşlary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy.

Bilimler we talyp ýaşlar gününiň öňüsyrasynda ilkinji gezek geçirilýän çagalar harytlarynyň sergi-ýarmarkasynyň açylyş dabarasyna Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri çagyryldy.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler. Onda: «Bagtyýar çagalygyň ýurdy, iň süýji arzuwlaryň, belent maksatlaryň hasyl bolýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda durmuşymyzyň gül-güňçalary bolan çagalar döwlet tarapyndan aýratyn uly ünsalada bilen gurşalýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döwrebap çagalar baglary, mekdepler, bedenterbiýe, sagaldyş-dynç alyş toplumlary gurlup, bagtyýar çagalaryň düýpli bilim almagy, dünýägaraýşyny giňeltmegi, olarda ýokary ahlak sypatlarynyň kemala getirilmegi üçin amatly durmuş şertleri döredilýär» diýlip bellenilýär. Dürli öwüşginli ekspozisiýalaryň dünýäniň ýurtlaryndan halkara hyzmatdaşlaryň, maýadarlaryň we çagalar üçin önümler pudagynyň wekilleriniň ünsüni özüne çekjekdigine berk ynam bildirip, döwlet Baştutanymyz halkara sergi-ýarmarkasynyň Türkmenistanyň medeni we işewürlik durmuşynda möhüm waka, onuň diňe bir işewürleriň mümkinçiliklerini görkezmekleri üçin ajaýyp meýdança bolmak bilen

(Dowamy 4-nji sahypada).

# AŞGABATDA «KIDS EKSPO:
## ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy öz işine başlasdy

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

çäklenmän, eýsem, ene-atalar we çagalar üçin özbolușly baýramçylyk çäresine hem öwrüljekdigini nygtady.

Dört günläp dowam etjek forumda paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary tematiki ugurly dürli görnüşli önümleriň köp sanlysyny özünde jemleýän diwarlyklar bilen tanşyp bilerler. Şunda sergä gelýänleri diňe bir bu ýerde görkezilýän ýokary hilli harytlaryň giň görnüşi däl-de, eýsem, olaryň täze doglandan başlap, dürli ýaşdaky çagalara niýetlenendigi hem özüne çekýär. Täze doglan çagalar üçin harytlaryň uly toplumy — geýimler, gap-gaçlar, bäbejikleri iýmitlendirmek üçin ýokumly iýmit garyndylary, arassaçylyk serişdeleri we beýleki önümler, ilkinji nobatda, ýaş ene-atalarda uly gyzyklanma döretdi. Olar ýurdumyzyň, dünýäniň belli önüm öndürijileriniň iň gowy, iň täze harytlary bilen gyzyklanma bildirip tanyşdylar.

Halkymyzyň ýokary ynsanperwer ýörelgelerine eýerip, ýurdumyzda ene-atasyndan jyda düşen, howandarlyga mätäç çagalary goldamaga uly üns berilýär. Döwletimiz ykbalyň emri bilen ýeňil bolmadyk durmuş ýagdaýyna düşen ýaşajyk ildeşlerimiziň durmuş goraglylygynyň, kanuny bähbitleriniň üpjün edilmegini kepillendirip, olaryň jemgyýete goşulyşmaklaryna, özbaşdak durmuşa taýýarlanylmagyna gönükdirilen goldaw-kömekleri berýär. Mälim bolşy ýaly, şu maksatlar üçin Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň martynda Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredilip, oňa Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy. Gaznanyň hasabyna yzygiderli gelip gowuşýan pul serişdeleri çagalaryň tölegli lukmançylyk we bilim hyzmatlaryna, olaryň doly derejeli dynç almaklary üçin mümkinçilikleri döretmäge, beýleki zerurlyklara gönükdirilýär. Haýyr-sahawat gaznasyndan howandarlyga mätäç çagalara paýtagtymyzyň we welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde, mekdep-internatlarda terbiýelenýän hem-de bilim alýan çagalaryň saglygyny bejermek, olar üçin lukmançylyk maksatly serişdeleriň satyn alynmagyna gönükdirilen maliýe serişdeleriniň bölünip berilmegi yzygiderli häsiýete eýe boldy.

Sergä gatnaşýan döwlet we hususy düzümlere, daşary ýurt kompaniýalaryna öz alyp barýan işleri,




önümleri, hödürleýän hyzmatlary bilen giň halk köpçüligini tanyşdyrmaga amatly şertler döredildi. Bu ýerde görkezilýän neşir önümleri, şol sanda şu ýyl doglan gününiň 300 ýyllygy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýäde-de giňden bellenilýän Magtymguly Pyragynyň eserleri gözden geçirilişe gelýänlerde uly gyzyklanma döretdi. Sergide Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň kitaplaryna möhüm orun berlipdir.

Sergi-ýarmarkasyna gatnaşyjylaryň arasynda «Göreldeli», «Iş nokady», «Gujurly» «Netijeli binýat» ýaly ýurdumyzyň belli bilim merkezleri ýörite işlenip taýýarlanylan maksatnama boýunça giň ugurly bilim hyzmatlaryny ilata hödürleýärler. Gözden geçirilişiň çäklerinde çagalar harytlary we hyzmatlar pudagyndaky täzeçil önümlerdir tehnologiýalara uly ähmiýet berildi. Bu ugurda ýöriteleşen meşhur kompaniýalaryň täzeçil işläp taýýarlamalarynyň tanyşdyrylyşlary göz öňünde tutuldy. Munuň özi bu ulgamdaky täzelikler bilen tanyşmaga, özara tejribe alyşmaga şert döreder.

Serginiň ilkinji gününde ýurdumyzyň önüm öndürijileriniň diwarlyklary bu ýere gelýänleriň ýokary gyzyklanmasyna eýe boldy. Olaryň öndürýän önümleriniň görnüşlere baýdygy hususy pudagyň ägirt uly mümkinçiliklere eýediginiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Şu gezekki sergä dabaranyň esasy gahrymanlary bolan ýaşajyk raýatlaryň işjeň gatnaşmagy onuň esasy aýratynlygy boldy. Ýurdumyzyň belli modeller öýleriniň täze taýýarlan, owadan çaga lybaslarynyň görkeziliş dabarasy hem hut şolara gönükdirildi. Zehinli dizaýnerlerimiz tarapyndan döredilen her bir lybas özünde däp bolan milli äheňleri we dünýäniň häzirki zaman modasynyň ýörelgelerini sazlaşykly utgaşdyrmak bilen, gaýtalanmajak esere öwrülýär.

Sergi-ýarmarkanyň jemleýji gününde çagalaryň çeken suratlarynyň we elde ýasan oýunjaklarynyň bäsleşikli söwdasynyň geçirilmegine garaşylýar.

Merkezi Aziýa sebitinde şu ugra ýöriteleşen bu iň iri sergi ösüp gelýän ýaş nesle niýetlenen önümleriň köp sanly görnüşleri bilen paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryny hem-de myhmanlaryny tanyşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Ol ýurdumyzyň döwlet, hususy düzümleriniň daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, çagalar harytlary senagatynda iň täze işläp taýýarlamalary ulanmakda tejribeleri işjeň alyşmak üçinem amatly meýdançadyr.

«Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkanyň çäklerinde göz öňünde tutulan işewürlik duşuşyklary Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýän ähli ýurtlar bilen ynanyşmak, özara hormat goýmak ýörelgelerine, ýagty geljek üçin ählumumy tagallalara esaslanýan ynanyşmak gatnaşyklaryna hemişe açykdygyny aýdyň görkezýär.

Sergi öz işini 22-nji awgustda tamamlar. Onuň ahyrynda gatnaşyjylara degişli diplomlar gowşurylar.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Студент МУГНиР стал победителем на конкурсе ЮНЕСКО в Алматы*

Абдылэзиз Сарыев, студент международного университета гуманитарных наук и развития Туркменистана стал победителем в номинации «Лучшая идея и подход» на третьей международной модели ЮНЕСКО «Этика использования искусственного интеллекта в образовании».

Финальный этап конкурса, организованного национальной комиссией Республики Казахстан по делам ЮНЕСКО совместно с Всемирной федерацией клубов и ассоциаций ЮНЕСКО, Исламской организацией по вопросам образования, науки и культуры (ИСЕСКО), а также Казахстанской национальной федерацией клубов ЮНЕСКО, прошёл с 12 по 14 августа в городе Алматы. На этом этапе каонкурса выступили студенты из 52 стран мира.

Участники конкурса выступили со своими работами касательно сферы «искусственного интеллекта» в своих странах и представили предложения по реализации актуальных тем в этом направлении. По итогам голосования, работы участников из Туркменистана, Египта и Гонконга были отмечены как лучшие.

### Делегация Туркменистана участвует в IX Каспийском медиафоруме

Делегация туркменских медиаспециалистов прибыла в Астрахань для участия в IX Каспийском медиафоруме. В первый день пройдет встреча руководителей делегаций стран-участниц медиафорума, представляющих Азербайджан, Иран, Казахстан, Россию, Туркменистан, а также Беларусь и Узбекистан.

В основной день мероприятия – 17 августа запланированы пленарное заседание и пять тематических сессий, на которых участники обсудят развитие цифровых технологий в искусстве и медиа, новую жизнь традиционного искусства и кино как универсального языка коммуникации, а также примеры культурно-исторического единства на евразийском пространстве.

В рамках форума традиционно пройдет церемония подведения итогов конкурса на лучшую журналистскую работу «Каспий без границ». Продолжением мероприятия станет культурный фестиваль «Каспийские сезоны», на котором выступит сводный симфонический оркестр Прикаспийских государств, в составе которого музыканты из России, Азербайджана, Ирана, Казахстана, Туркменистана.

### Изменена дата проведения Инвестиционного форума Туркменистана

Инвестиционный форум Туркменистана, TIF 2024, пройдет в Ашхабаде 10-11 сентября, тогда как ранее планировался на 19-20 числа следующего месяца. Дата была изменена с учетом корректировки графика мероприятий государственного уровня в стране, так сообщил оргкомитет форума в воскресной рассылке уведомлений.

TIF 2024 призван стать значимым мероприятием по привлечению инвестиций в экономику Туркменистана, обсуждению ключевых вопросов, связанных с реализацией новых инвестпроектов, и дальнейшему развитию международного сотрудничества. В форуме примут участие руководители высшего звена, эксперты и представители ведущих национальных и международных компаний нефтегазовой, энергетической, строительной, транспортной и коммуникационной отраслей. Также будут представлены крупные мировые финансовые институты, банки, международные организации и исследовательские центры.

Мероприятие проводится под эгидой Министерства финансов и экономики и Министерства иностранных дел Туркменистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***